# Folkner: Dünýäni parahatçylykly we howpsuz hala getirmekçi bolsak, garşylyk görkezip bilmeli

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Folkner: Dünýäni parahatçylykly we howpsuz hala getirmekçi bolsak, garşylyk görkezip bilmeli UILÝAM FOLKNER: DÜNÝÄNI PARAHATÇYLYKLY WE ADAMLAR ÜÇIN HOWPSUZ HALA GETIRMEKÇI BOLSAK, GARŞYLYK GÖRKEZIP BILMELI



*Fotosurat: Courtesy of Special Collections Library / UVA*
Oksford uniwersitetiniñ talyplarynyñ öñünde eden çykyşlary we nutuklary Nobel baýragynyñ eýesi Uilýam Folkneri iñ köp begendiren «işleriñ» başyny çekýärdi.

Hawa, ýurdy günorta ştatlaryň hak-hukuklaryny diňe proza eserlerinde däl, şol bir wagtyň özünde amerikan kongresine ýazan hatlarynda we habar beriş serişdelerinde ýer alan makalalarynda arman-irmän öňe süren Folkner terjime edip siziň dykgatyňyza ýetiren bu çykyşynda liseýiň uçurymlaryna «indiwidual taýdan garşylyk görkezmegi» ündeýär.
Garşylyk berip bilmeýän adam indiwidual bolup bilmeýär, indiwidual bolup bilmedik adamam asla azat bolup bilmez.
Bu nutukda iň bärkije hakykat iň ýalaňaç ýagadaýynsa ýene bir gezek iň sagdyn görnüşde beýanyny tapýar:
Jemgyýetleriň geljegini ýazyjy-şahyrlaryň öz garynlaryna eýe çykyp bilme erk-ygtyýary kesgitleýär.

- **Oksford uniwersitetiniň düzümindäki liseýiň uçurymlaryna ýüzlenme**:

*«Ýaşlar näme etjegini bilse, garrylar iş edip oňarsa…»*
*Birnäçe ýyl öň entek siz dogulmankaňyz akly-huşy we ýaşy goýalşan bir fransuz şeýle diýipdi. Biz bu sözleriň manysyna şular ýaly düşünýäris: Ýaşka seriňden gelip-geçen ger zady etmäge güýjüň bolsa-da, näme etjegiňi bileňok.*
*Soňam garraýaň – tejribe we gören-eşden, başdan geçiren zatlaryň saňa kän zat öwresýär, ýöne munuň hiç hili parhy ýok. Ýadapsyň, hemme zatdan çekinýäň we diňe özüňe azar berilmezligini isleýäň – saňa göni degilmese adalatsyzlyklaryň ýasyny tutmaga ne güýjiň, ne-de islegiň galýar.*
*Häzir şu zala we şunuň ýaly dünýäniň müňlerçe zalyna jemlenen ýaş oglan-gyzlaryň nämäni we nädip etmegiňizi bilen ýagdaýynda dünýäni üýtgetmäge, ebedilik uruşdan, adalatsyzlyklardan, bela-beterlerden doly halas etmäge güýji bar.*
*Fransuz gojanyň aýdyşy ýaly ýaş bolsaňyz we entek näme etjegiňizi bilmeýän bolsaňyz, muny size häzir öňüňizde duran saçyna ak giren adamyň aýdyp bermegi gerek. Emma megerem ol saçynyň agyna seredip garry we goýalşan saýyp boljak derejede däl. Häzirki bolşy bilen-ä ol size ýüzleý jogap berme ýagdaýynda-da däl. Ýöne öz pikirlerini aýtmaga taýýar. Häzir bize gorky howp salýar.*

*Gürrüñini edýänim atom bombasy we hatda şol bombanyñ garşysyndaky gorky däl. Çünki häzir Oksfordyñ depesinden oklanan ýagdaýynda (şol bomba) bizi we hemme zady ýok ederdi, bu bolsa gaty köp zat däl. Ýok edilen ýagdaýynda üstümizdäki gorka daýanýan we biziñ çeke durýan häkimiýetizden mahrum bolardy.*

*Ýok, biziñ üçin howp bärde däl. Biziñ üçin howp adamy indiwiduallykdan, magnawyýetden mahrum goýjak bolýan dünýä güýçleriniñ gorkyny ulanmagydyr.*

*Sadaka we howp abandyrmak bilen ony düşünip bolmaýan gatlak derejesine indirýärler. Öz gazanmadyk azygyny oña mugtuna berýärler. Der döküp gazanmadyk hümmetsiz pullaryny beren bolýarlar. Özlerine nähili at dakandyklaryndan we Amerikadamy, Ýewropadamy, Aziýadamy, nirede gurulmagyndan asylman-etmän ähli bu ykdysady, ideologiki, syýasy sistemalar, öz gopbamlygynyñ we güýç-kuwwatlarynyñ şanyna ýa-da öz aljyraññylygyndan we adamyñ batyrgaýlygyndan, çydamlylygyndan, ukyp-başarnygyndan, özüne bolan ynamyndan gorkýandyklary sebäpli adamy uýgunlaşyjy gatlaga öwürmäge taýýarlykly.*

*Ine, şol sebäpdenem dünýäni parahatçylykly we adamlar üçin howpsuz hala getirmekçi bolsak, garşylyk görkezip bilmeli. Adamy köpçülikleýin gatlak halas edil bilmeýär.*

*Hudaýyñ amatyna garan görnüşinde haýyry şerden, haky nähaksan aýyrma ukyby we islegi bilen ýaradylan hem-de bu artykmaçlyklary bilen özüni halas etme güýjüne eýe adam özümi halas etmeli:*

*Adamda, şahsyýetde hiç wagt özüni aldamak, gorkuzmak we sadaka bilen diñe öz hak-hukuklaryndan däl, şol bir wagtyñ özünde adalaty adalatsyzlykdan, erkekligi gorkaklykdan, pidakärligi açgözlükden, kösençligi men-menlikden aýyrma borjy bolmaly. Diñe eden-etdiliklerden, açgözlükden, ýalandan halas bolma hakyna elmydama ynanmagyñ ýany bilen adalatyñ ýerini tapmagyna, hakykatyñ we merhemetiñ üstün çykmalydygyna ynanmak hem adamyñ borjy. Şonuñ üçin hiç wagt gorkmañ. Hiç wagt sesiñizi wyždanyñ, hakykatyñ we merhemetiñ şanyna haksyzlyga, ýalana, açgözlüge garşy beýgeltmekden gorkmañ.*

*Diñe häzir şu zala ýygnanan siz däl, dünýäniñ her ýerindäki*

*müñlerçe şular ýaly zallara üýşenler ertirem, bir hepdeden soñam muny topar ýa-da toparlar ýaly däl-de, şahslar, erkekler, aýallar bolup etseñiz, dünýäni üýtgedip bilersiñiz. Şeýdende adamy gula öwürmek üçin gorkyny we açgözlüligi ulanyl gelen we ýene-de ulanjak ähli Napoleonlar, Gitlerler, Sezarlar, Mussoliniler we häkimiýete kowalaşýan karýeristlerdir adamlaryñ öz öñünde egilmegine teşne ähli tiranlar, syýasatçumaklar, «hameleonlar», şahsyýetini ýitirenler, garañky we züwwetdin adamlar – olaryñ barsy bir nesilden soñ ýeriñ ýüzünden ýitip-ýok bolup giderler.*
***Uilýam Folkner**, 1951″.*

Maýis ALIZADE.

Ýekşenbe, 02.06.2024 ý Edebi makalalar